Türkmenistanyň Bilim ministriniň,
Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň
2022-nji ýylyň 25-nji (ý) martynda çykaran
98/18-iş belgili bilelikdäki buýrugy bilen tassyklanyldy

# Türkmenistanda maglumat howpsuzlygy boýunça “Kiberbäsleşik” çäresini geçirmegiň Düzgünnamasy

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Türkmenistanda maglumat howpsuzlygy “Kiberbäsleşik” çäresini geçirmegiň Düzgünnamasy (mundan beýläk – Düzgünnama) 2019-njy ýylyň 6-njy sentýabrynda kabul edilen “Kiberhowpsuzlyk hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, “Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmegiň 2022-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 2-nji martynda çykaran 2623-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmegiň 2022–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirmeli çäreleriň Meýilnamasyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de Türkmenistanda maglumat howpsuzlygy “Kiberbäsleşik” çäresini geçirmegiň maksadyny, tertibini we guramaçylyk esaslaryny düzgünleşdirýär.

2. Türkmenistanda maglumat howpsuzlygy “Kiberbäsleşik” çäresi (mundan beýläk – bäsleşik) Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň hünärmenleriniň, işgärleriniň, professor-mugallymlarynyň we talyplarynyň (mundan beýläk – bäsleşige gatnaşyjylar) Türkmenistanyň maglumat giňişligini kiberhowplardan goramak, kiberhüjümleri ýüze çykarmak, duýdurmak, olaryň öňüni almagy başarýan hünärmenleriň kiberhowpsuzlyk babatynda bilim derejelerini ýokarlandyrmak we bu ugurda ýaş hünärmenleri höweslendirmek maksady bilen geçirilýär.

3. Bäsleşigiň wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

1) raýatlaryň kiberhadysalaryň öňüni almaga, kiberhüjümleri ýüze çykarmaga we olardan goramaga, olaryň netijelerini aradan aýyrmaga, kommunikasiýa, tehnologik ulgamlaryň durnukly we ygtybarly işleýşini dikeltmäge gönükdirilen guramaçylyk, hukuk, inžener-tehniki çäreleriň, şeýle hem maglumatlaryň kriptografiki we tehniki gorag çärelerini özleşdirmeklerini gazanmak;

2) kiberhüjümleriň öňüni almagy başarýan hünärmenleriň kiberhowpsuzlyk babatynda bilim derejelerini ýokarlandyrmak we bu ugurda ýaş hünärmenleri höweslendirmek

3) raýatlaryň kiberhowpsuzlyk boýunça toparlaýyn işlemek endiklerini we başarnyklaryny kämilleşdirmek;

4) raýatlaryň sanly ulgam boýunça sowatlylygyny we kiber giňişliginde özüňi alyp barmagyň howpsuzlyk medeniýetini ýokarlandyrmak,

5) kiberhowpsuzlygyň maksatlaryny goldamak,

6) kiberhowplary we kibergorag barada jemgyýetiň habarlylyk derejesini ýokarlandyrmak boýunça döwlet we jemgyýetçilik taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin zerur toplumlaýyn bilimleri, endikleri we başarnyklary kämilleşdirmek.

## II bap. Bäsleşigiň geçiriliş tapgyrlary

4. Bäsleşik Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentliginiň we Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň utgaşdyrmagynda her ýylyň aprel-oktýabr aýlarynda üç ýagny, edara ara, toplum ara, umumydöwlet tapgyrlarda geçirilýär.

5. Birinji edara ara tapgyr aprel aýynda geçirilýär we oňa aşakda görkezilen edaralar tarapyndan teklip edilen wekilleri (işgärleri, talyplary, diňleýjileri, okuwçylary) gatnaşýarlar:

1) ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we olaryň tabynlygyndaky edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň;

2) harby we hukuk goraýjy edaralaryň we olaryň tabynlygyndaky edaralaryň, kärhanalaryň;

3) ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň.

6. Ikinji ýagny, toplum ara tapgyr iýun aýynda geçirilip, oňa aşakda görkezilen toplumlara degişli edaralarynyň arasynda (toplumyň öz içinde) birinji tapgyr boýunça I, II, III orunlara mynasyp bolanlar gatnaşýarlar:

1) howpsuzlyk, harby we hukuk goraýjy edaralar toplumy;

2) ykdysady, bank we halkara maliýe guramalary toplumy;

3) nebitgaz toplumy;

4) gurluşyk we senagat toplumy;

5) söwda toplumy;

6) oba hojalyk toplumy;

7) medeniýet toplumy;

8) ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar we jemgyýetçilik guramalary toplumy;

9) ulag we kommunikasiýalar toplumy.

7. Üçünji, ýagny umumydöwlet tapgyry oktýabr aýynda geçirip, oňa ikinji tapgyryň ýeňijileri gatnaşýarlar.

## III bap. Bäsleşigi guramak we geçirmek

8. Bäsleşigiň birinji tapgyrynyň netijesinde her bir ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasy I, II, III orunlara orunlara mynasyp bolan 3 (üç) sany ýeňijini ikinji tapgyra gatnaşmaga hödürleýär.

Bäsleşigiň ikinji tapgyrynyň netijesinde her bir toplum I, II, III orunlara mynasyp bolan 3 (üç) sany ýeňijini üçünji umumydöwlet tapgyryna gatnaşmaga hödürleýär.

9. Bäsleşigiň birinji tapgyrynda degişli edarasynyň buýrugy bilen bäsleşigi geçirmek üçin guramaçylyk topary döredilýär we eminler toparynyň düzümi tassyklanylýar.

10. Bäsleşigiň ikinji tapgyryny we üçünji umumydöwlet tapgyryny guramaçylykly geçirmek maksady bilen, düzümi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligi hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýan bäsleşigiň guramaçylyk topary hem-de eminler topary döredilýär.

11. Bäsleşigiň guramaçylyk topary şu aşakdaky işleri amala aşyrýar:

1) bäsleşigiň guramaçylykly geçirilmegine umumy ýolbaşçylyk edýär;

2) bäsleşigiň ikinji tapgyrynyň we üçünji umumydöwlet tapgyrynyň ýumuşlaryny kesgitleýär;

3) ýumuşlary ýerine ýetirmegiň tertibini tassyklaýar;

4) ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin berilýän wagtyň möçberini kesgitleýär.

5) bäsleşigiň netijeleri boýunça nägilelik bildirýänleriň şikaýatlaryna seredýär we netije çykarýar;

6) bäsleşigiň netijeleri boýunça degişli resminamalary resmileşdirýär;

7) bäsleşigiň netijeleri barada Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligine we Türkmenistanyň Bilim ministrligine hasabat berýär;

8) ygtyýarlygyna girýän beýleki meseleler boýunça çözgütleri kabul edýär.

12. Bäsleşigiň eminler topary şu aşakdaky işleri amala aşyrýar:

1) bäsleşige gatnaşyjylary ýumuşlary ýerine ýetirmegiň tertibi bilen tanyşdyrýar;

2) bäsleşigiň ýumuşlaryny paýlaýar;

3) bäsleşigiň dowamynda bäsleşige gatnaşyjylaryň ýumuşlaryň jogaplaryny biri-birlerinden göçürmeklerini gadagan edýär;

4) tertip-düzgüniň bozulmagynyň öňüni alýar, bäsleşigiň kadalaryny berjaý etmeýänlere duýduryş berýär;

5) bäsleşigiň dowamynda bäsleşige gatnaşyjylaryň ünsüni bozýan hereketleriň bolmazlygyny üpjün edýär;

6) bäsleşik tamamlanandan soňra, bäsleşige gatnaşyjylardan jogaplaryny ýitgisiz yzyna ýygnap alýar;

7) bäsleşige gatnaşyjylaryň ýumuşlara beren jogaplaryny we ýerine ýetirilişini bahalandyrýar we ýenijini yglan edýär;

8) bäsleşigiň netijeleri boýunça degişli resminamalary resmileşdirýär.

13. Ýumuşlaryň görnüşlerini ikinji we üçünji umumydöwlet tapgyrynda “Kiberbäsleşik” çärelerini geçirmek boýunça ýörite guramaçylyk topary tarapyndan kesgitlenýär.

14. Bäsleşigiň guramaçylyk topary tarapyndan taýýarlanan ýumuşlar bäsleşigiň geçirilýän güni bäsleşigiň eminler topary tarapyndan yglan edilýär. Ýumuşlaryň sany we olary ýerine ýetirmek üçin berilýän wagty bäsleşigiň guramaçylyk topary tarapyndan hem kesgitlenýär.

15. Bäsleşigiň ýumuşlary aşakdaky görnüşlerde-bolup biler:

1) aýratyn ýumuşlary ýerine ýetirmek;

2) hüjüm-gorag.

16. Bäsleşikde gatnaşyjylara kriptografiýa, steganografiýa, kompýuter kriminalistikasy, eksploýting, programma üpjünçilige zyýan ýetirmek, web-gowşaklyky gözleme, açyk öýjükde maglumat gözleme kiberhowpsuzlyk bilen bagly meseleleri çözmäge degişli aýratyn ýumuşlaryň ýerine ýetirmek görnüşli ýumuşlar hödürlenilip bilner. Bäsleşigiň eminler topary ýumuşlary ýerine ýetirilişine baha kesýär we şu ýumuşlar boýunça her bir çözülen mesele üçin bir ball berýär.

17. Hüjüm-gorag görnüşli bäsleşikde berlen wagtda toparlaryň biri garşydaş toparyň ulgamlaryna hüjüm edip gowşaklygyny ("baýdaklar" diýlip hem atlandyrylýar) tapýar, beýleki topar bolsa goranmak çäreleri geçirip öz ulgamlaryny bitewi we işjeň ýagdaýda saklamak bilen bolýar.

Bäsleşigiň dowamynda toparlar rollaryny çalyşýarlar. Ýeňiji topar alnan “baýdaklaryň” sanyna görä bäsleşigiň eminler topary tarapyndan kesgitlenýär.

18. Bäsleşik üçin taýýarlanan ýumuşlaryň berk gizlinlikde saklanylmagy üçin merkezi guramaçylyk topary jogapkärçilik çekýär.

19. Bäsleşigiň jemleri her tapgyr tamamlanandan soňra bäsleşigiň geçirilen güni yglan edilýär we indiki tapgyra gatnaşjaklar barada maglumat 10 (on) senenama günüň dowamynda nobatdaky tapgyryň merkezi guramaçylyk toparyna iberilýär.

20. Bäsleşigiň geçirilmeli anyk seneleri, wagtlary we ýerleri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň “Türkmenaragatnaşyk” agentligi hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

21. Bäsleşigiň nobatdaky tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanan ýeňijiniň esasly sebäplere görä bu tapgyra gatnaşyp bilmedik halatynda, şol tapgyryň merkezi guramaçylyk toparynyň habarnamasy, nobatdaky tapgyryň merkezi guramaçylyk toparynyň çözgüdi esasynda, yz ýanyndaky netijäni gazanan adama onuň ornuna gatnaşmaga hukuk berlip bilner.

22. Bäsleşigiň tapgyrlarynyň guramaçylykly geçirilmegi, gatnaşyjylaryň bäsleşigiň birinji tapgyryna taýýarlanylmagy üçin degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we olaryň tabynlygyndaky kärhanalar, guramalar we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary jogapkärdirler.

23. Bäsleşige gatnaşmak üçin gatnaşyjylardan töleg alynmaýar.

24. Bäsleşige gatnaşyjylary zerur bolan mukdarda tehniki serişdeler bilen üpjün etmek, bäsleşigi geçirmek üçin meýdançany we ulgamlary döretmek ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we olaryň tabynlygyndaky kärhanalar, guramalar

hem-de ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

Tehniki zolak hökmünde internet, intranet, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, olaryň tabynlygyndaky kärhanalaryň, guramalaryň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň ýerli torlary we degişli enjamlary hem peýdalanylyp bilner.

25. Bäsleşigiň programma üpjünçiligine we tehniki zolaga bildirilýän talaplar merkezi guramaçylyk topary tarapyndan kesgitlenýär hem-de degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, olaryň tabynlygyndaky kärhanalar, guramalar we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary bilen ylalaşylýar.

26. Programma üpjünçiligine şu aşakdakylar degişli edilýär:

1) bäsleşigiň birinji tapgyry üçin ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, olaryň tabynlygyndaky kärhanalar, guramalar we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan taýýarlanýan programma üpjünçilikleri;

2) bäsleşigiň ikinji tapgyry we üçünji umumy döwlet tapgyry üçin kiberhowpsuzlyk boýunça programma üpjünçilikleri;

3) açyk (tölegsiz) ýa-da kärendesine berilýän onlaýn platformalar.

27. Bäsleşigiň geçirilýän wagtynda bäsleşige gatnaşyjylara:

1) diňe öz topary bilen gepleşmäge hukuk berilýär;

2) hyzmatlaryň awtomatlaşdyrylan ulgamyna hüjüm etmek, ýerine ýetirilen ýumşlary barlamak, beýleki toparlaryň agzalary bilen gepleşmek we olaryň işine päsgel bermek gadagan edilýär.

28. Şu Düzgünnamanyň talaplaryny berjaý etmedikler bäsleşigiň merkezi guramaçylyk toparynyň we eminler toparynyň bilelikdäki çözgüdi esasynda bäsleşige gatnaşmakdan çetleşdirilýär.

29. Bäsleşigiň eminler toparynyň çözgüdi bilen ylalaşmaýan gatnaşyjynyň bäsleşigiň merkezi guramaçylyk toparynyň adyna bäsleşigiň geçirilen güni şikaýat etmäge hukugy bardyr.

30. Bäsleşigiň geçirilýän ýylynyň bir ýyl öňündäki ýylda geçirilen ikinji tapgyrynda 1-nji, 2-nji we 3-nji derejeli diplomlar bilen sylaglanan ýeňijiler, bäsleşigiň birinji tapgyryna gatnaşmazdan, onuň ikinji tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanýar.

31. Bäsleşigiň geçirilýän ýylynyň bir ýyl öňündäki ýylda geçirilen bäsleşigiň üçünji umumydöwlet tapgyrynda 1-nji, 2-nji we 3-nji derejeli diplomlar bilen sylaglanan ýeňijiler, bäsleşigiň birinji we ikinji tapgyrlaryna gatnaşmazdan, onuň üçünji umumydöwlet tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanýar.

## IV bap. Bäsleşige gatnaşyjylary sylaglamak we bäsleşigi maliýeleşdirmek

32. Bäsleşigiň üçünji umumydöwlet tapgyrynyň netijeleri boýunça bir sany I orun, iki sany II orun, üç sany III orun kesgitlenilýär.

Bäsleşigiň üçünji umumydöwlet tapgyrynda I, II we III orunlara mynasyp bolan ýeňijiler Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we Türkmenistanyň Ministrler

Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentliginiň 1-nji, 2-nji we 3-nji derejeli diplomlary bilen sylaglanýar.

33. Bäsleşigiň üçünji umumydöwlet tapgyrynyň baýrakly orunlaryna mynasyp bolmadyk gatnaşyjylaryna degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, olaryň tabynlygyndaky kärhanalar, guramalar we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan bäsleşige gatnaşandygyny tassyklaýan şahadatnama gowşurylýar.

34. Bäsleşigiň geçirilmegi bilen bagly çykdajylar maliýeleşdirilmegi "Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmegiň 2022-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 2-nji martynda çykaran 2623-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmegiň 2022–2025-nji ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasynyň IV babynda bellenilenlere laýyklykda amala aşyrylýar.